# Ak öý hemem ojak bilen hoşlaşyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ak öý hemem ojak bilen hoşlaşyk Bo SZÝUÝ (772-846), hytaý şahyry.

▶ AK ÖÝ HEMEM OJAK BILEN HOŞLAŞYK

Kükräp gelen gyşyñ demi ýadymda,
Sykylygy syrap ýagýan garyñ-da.
Tümlükden gorky bar garran janymda,
Düşlegde doñdurjak aýaz barynda.

Ýöne bir öý bardy meniñ bagtyma,
Demirgazyk şöhlesi deý mawudy.
Ojagynda ýanýan ody ýagtyla,
Gorady, ýetmedi ýürek awusy.

Derýa tolkunlarna düşen balyk deý,
Sürende towşan deý dünýäñ howpundan
Men aman ýaşadym, ojagyñ ody
Halas etdi gijeleriñ sowgundan.

Geçdi tukatlygy garly gijeleñ,
Tebigat ýaz donun atdy egnine.
Wagt üýtgeýär, ýöne bu ak keçeli
Öýümden razy men, razy men ýene.

Ojakda ot ýanmasa-da ýaz aýy,
Hoşlaşsam-da az pursatlyk öý bile,
Tomsuñ jöwzasyndan alamsoñ paýy,
Duşuşyk möhleti ýetirer bize.
Saglygym sähelçe gowlaşsa, ýene
Güýz bararyn ak keçeli öýüme.

Terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW. Goşgular